# Nähili ýazmaly?

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Powestler,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nähili ýazmaly? NÄHILI ÝAZMALY?




Aň üýtgeýär, kabul ediş (восприятие) üýtgeýär. Agyr oýlanmalary, agyr sözlemleri, agyr kyssany…iki-ýeke adam bolaýmasa kän halaýan ýok.
Ötlem-ötlem oýlanmalar, sahnalar, sözlemler okaýany elbetde ýadadýar.
Onda şeýle zatlary ýazmak nämä derkar?
Sebäbi ýazyjy ilki bilen-ä özüni egismek üçin ýazýar. Onsoň okyjy onuň şol “özüni egismesini” okar ýaly etmegiň alajyny agtarýar. Aglaba köp ýagdaýlarda-da ýazyjy ýazýarka okyjynam, galan etsem-petseminem unudýar-da, diňe “özüni egismeklige” başbitin çümýär-de, gark bolýar gidäýýär.
Onsoň şo öz-özünde gark bolan awtory nädip halas etmeli?
Talapkär, ýazyjyň özünden has sowatly, ondan sözi, sözlemi has ýiti duýýan, şepagatsyz zabun redaktor gerek.

Häzirki döwür klipleýin oýlanyşyň döwri.
TikTok zamanasy-da. Näçe gysga, gysby, ýöntemlige çenli ýönekeý edip ýazsaň, düşürseň, surat çekseň, heýkel ýasasaň…şonça-da gowy.
Özümem şeýle. Haçan galyň, tükezziban roman okanym ýadyma düşmeýär.
Şoň üçinem täze stil oýlap tapmaly. Romanlaryňam, powestleriňem içi TikTok wariantly epizod-epizod bolmaly. Onam başaryp bolsa…
***

Hemingueý: “Haýsydyr bir ýapyşak pikirden (навязчивая мысль, идея) hemişelik dynjak bolsaň, ony kagyza ýaz” diýipdir.
Käte-käte pikirlerdir, sýužetlerem göwnüňe bolmasa, diri ýaly bolup görünýär. Olaryň adamlaň arasynda ýaşamaga mynasyplaryny ýazman, ýagny şo tensiz ruhlara “hat-göwre” bermän, olary özgelere ýetirmän unutmaklygyň tozanyna garyp goýberseňem, edil özüňe ýagşylyk eden ýa-da özüňe gowy garaýan adama kembaha garan ýaly, biadyl, biagyry, perwaýsyz äsgermezlik bilen onuň göwnüne degen ýaly bolýar.
Ýazmakda bolsa kimdir biri bilen deň boljak bolmak hökmanmyka?
Özüň bolýaň-da, ýazyberýäň, ýazyberýäň…
Barybir bahany özüňe özüň kesmeýäň.
Özgeler kesýär.
Özüňe ynanyp bolýa, ýazyp bilýändigiňe umyt edip bolýa, özüňden göwnüň geçgin, ýazmakdan eliň sowap bolýa…
Ýöne, ýazasyň gelýärkä, ýazmazlyk bolanok.

***

Şu kubizm, awangardizm, modernizm, postmodernizm ýaly akymlarda ýazylan, çekilen, düşürilen, ýonulan, dokalan we ş.m. eserlerde bir zady gowy – olar adamyň fantaziýasynam, kabul edişinem (wospriýatiýesinem) çäklendirmeýärler – nähili düşünseň düşüniber, neneňsi göz öňüne getirseň getiriber, keýpiň kelläňde.
Klassikada welin, beýle zat ýok.
Gözüň görýäni, gulagyň eşidýäni – bolany.
Kakabaş hyýalyň ýa-da başbermezek aňyň: “я так вижу (слышу,

ощущаю, воспринимаю…)” diýip çala buýtar-suýtar ediberdigem bulaşýa.

***

Ýazmak meselesinde adam näçe ýazsa-da hemişe gözi daňylgy batyl ýaly bolýar – ýörejek ýoluny mydama eli bilen sermeläp tapmaly. Özgerjek bolsaň, döwre aýakdaş gitjek bolsaňam sözi her hili edip oýnadyp görmeli, synap görmeli, barlap görmeli…tä öz göwün islegiň üstünden barýançaň…başga ýoly ýok.
Diňe ýazyp öwrenäýmeseň, başga hünärler ýaly okap ýa-da öwrenip öwrenip bolmaýar.
Onsoňam ýazmak pişesinde aýtjak bolýan zadyňy nädeňde has ýiti edip adamlaň aňyna ýetirip boljak?
Elbetde käbir bolgusyzja çyrşaňňylarda aýdylýan pikir, ylahy yşk, ynsany söýgi, hyjuw, mertlik-namartlyk, dönüklik-wepalylyk, lebizlilik-ähtiýalanlyk we ş.m. durmuşa täsir ediji düýpli ideýa däl.
Ýöne adamyň durmuşam diňe ykbal kesgitleýji hadysalaryň münderinden emele gelmän, esasan gündelik ownuk-uşaklykdan, adatylykdan, kindiwanja wakajyklardan emele gelenokmy?
Dil, diliň ýoýulmagy meselesi bolsa…
“Ýazyjy – aýna” diýýärler.
Aýnada bolsa kim görünýär?
Onsoňam çeper edebiýatda “grotesk” diýen-ä çeper beýan ediş usuly bar, “burlesk” diýenem žanr…
Okyjylaram hil-hil.
Kim ýazylan zadyň diňe üstküje gatlagyny görýär-de, aýdyljak bolunýan zady “ýordum” hasaplaýar.
A belki ýazýan hiç zat aýtjagam bolýan däldir. Durmuşam gyşyk aýnadaky şekil ýaly bolşundan bäşbeter gyşardyp-çaýşardyp, göwnaçyk gülki döretmän, gaýta “Nähil-aý bü?” diýdirýän bir zady şekillendirýändir. Oýlanmalar